***Parahatçylyk — ähli döwürleriň iň gymmatlygy baýlygy. Taryhy tejribelere esaslanylmak bilen, häzirki zaman diplomatiýasynda parahatçylygy gorap saklamak baş wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenendir. Şu jähetden, Türkmenistan döwletimiz parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty alyp baryp, bu ugurda netijeli işleri durmuşa geçirýär. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen bütin dünýäde giň goldaw tapýan halkara başlangyçlarymyz bolsa Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň parahatçylyk söýüjilik, döredijilik mümkinçiliklerini aýdyň görkezýär.***

Bilşimiz ýaly, Türkmenistan döwletimiz 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet boldy. Häzirki wagtda bu sene Halkara Bitaraplyk güni hökmünde halkara derejede giňden bellenilýär. Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlary we hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda ýurdumyzyň bu iri halkara gurama bilen hyzmatdaşlygy strategik derejede yzygiderli ösdürilýär. Türkmenistanyň öňe sürýän halkara başlangyçlary bolsa dünýä döwletleri tarapyndan biragyzdan goldanylyp, BMG-niň ýörite Kararnamalary esasynda yzygiderli berkidilýär.

Dünýäde parahatçylygy goldamak, durnukly ösüşe ýardam bermek, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň häsiýetli aýratynlygydyr. Şu ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň üçünji gezek ykrar edilmegi ählimiziň kalbymyzy buýsanç duýgularyna besledi. Munuň özi dünýä bileleşiginiň ýurdumyzyň hukuk derejesini üýtgewsiz goldaýandygynyň, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmakda netijeli gural hökmünde bitaraplygyň giňden ykrar edilýändiginiň nobatdaky nyşany boldy.

Häzirki wagtda milli senenamamyzda möhüm orny eýeleýän hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça döwlet derejesinde uly tagallalar edilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet toparynyň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi aýratyn bellärliklidir. Munuň özi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini bütin dünýäde ilerletmäge möhüm ähmiýet berýändigini alamatlandyrýar.

**Süleýman GURBANGULYÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026